# Gam goşulan goşgy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gam goşulan goşgy GAM GOŞULAN GOŞGY



Bu mähir diýlen närse,
Niçik gudratka, eýse?!
Ýylgyran bolar, gülmez,
Berseň baryňy, ähli.
Güýmeseň onlap oýna,
Açylmaz çagaň şähdi.
Naýynjar garaýyşly,
Solgun gözleri ýaşly,
Küýsegi enäň mähri.

Galdym haýranlar, bala,
Mähire sen beter zar!
Özge enä bakaňda,
Zaryn, oýa bataňda,
Çogup, ýaşyň akanda,
Bu ýykylmyş dünýe dar,
Ataň bukulyp aglar.
Nätjek, kirli dünýäde,
Rehimsiz, niýeti pis,
Mähirsiz ene-de bar.

2021 ý. Goşgular